# Täze ýylda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Täze ýylda TÄZE ÝYLDA




*(ýarym degişme)*
Täze ýylda täze bolsun donuňyz,
Täze ýylda sagat bolsun janyňyz.
Bagt guşy depäňizde pel-pelläp,
Elmydama pully bolsun ýanyňyz.

Täzeden-täzeçe arzuw edilsin,
Täze ýylda alyslara gidilsin.
Adamlar täzeçe gatnaşyk açyp,
Köne öýke-kinelerin unutsyn.

Täzeçe okalsyn okalan goşgy,
Täzeçe wasplansyn gyzlaryň yşgy.
Ajap gözellikler ornaşyp dünýä,
Owadanlansyn dünýäniň keşbi.

Täze bolsun gelin-gyzlaryň näzi,
Ýüreklerde goýsun öçmejek közi.
Mähir-muhabbetden tutup ýüklerin,
Täzeçe ýaňlansyn olaň owazy.

Täze ýylda täzelensin köneler,
Täzeçe bellensin täze seneler.
Ýöne, “dostuň, meýiň könesi ýagşy”,
– Aýdypdyrlar akyldarlar – danalar.

Goý, Täze ýyl rysgal-döwlet getirsin,
Ene perzendini rahat ýatyrsyn.
Ýeneki ýyllarda täze ýyllary,
Garşylamak hemmämize ýetirsin.

Annamuhammet ALLAGULYÝEW. Goşgular